Her ýylyň güýz aýlary biziň ýurdumyzda aýratyn bir täzelik bolýar, çünki altyn güýz özüniň miweli gujagy bilen bile Garaşsyzlyk toýumyzy hem alyp gelýär. Hemme hasyllar bişip, daş-töwerek ruhlanyp, täze bir dünýä emele gelýär, şol sebäpli-de Güýz bilen Garaşsyzlyk ikisi sepleşip bir uly baýramçylygy emele getirýär, terneler ýarylyp, joýadan atylyp çykaýjak bolýar, üzümleriň buludraşýan şiresi gijelerine aýa şugla berýär, bu gözelligi synlasaň görmäge göz gerek.

Güýzüň täsin merdiwanyndan dyrmyşyp barýan bulutlara seredip,birsellem oýa batýarsyň.Şonda seni pursatlar gaplap alýar,geçeni ýatlap,güýzüň agras gözelliginiň içinden şo-ol ýuwaşja ädimläp,gidip barýarsyň.Birdenem tanyş duralga,tanyş ýerler,tanyş ýanýoda göz öňüňde janlanýar.

Adam bir zatlar hakda oýa batanda megerem tebigat onuň pikirlerini tassyklaýan bolmaly,şonuň üçin güýzüň gussaly ýodalaryndan her gezek ýöräniňde,çuňňur oýa batyp,tebigaty özüňe syrdaş tutunýaň,megerem bu adamyň owalbaşda häsiýetidir.

Güýz bolsa ýatlamalaryň pasly, hem güýz hem baýramçylykda hem gözellik hem içki dünýä garyşýar-da başga bir duýgy emele gelýär. Şol duýgularyň gözbaşynda watan buýsanjy bar.

Ynsan tebigaty ýatlamalar içinde ýaşamagy gowy görýär.Şonda oýlandygyňça oýlanasyň gelýär.Ynsan tebigatyndaky soňsuz ýatlamalaryň goýnuna çümüp,özüňi bir äpet ummanyň içine atasyň gelýär. Indi tebigat öz hasabyndan geçirip,tylla ýapraklary sanaýan ýaly.

Her bir adamyň öz dünýäsinde bolup geçýän beýik özgerişler megerem güýzde bolýar. Ol ynsan ruhuna şirin damja bolup damýar-da onuň gan-damarlaryna siňýär.Şeýdibem,ýürekleri yzarlaýar,kalplary özüne kökerýär-de ynsan ruhunda täze bir şygryň döremegine sebäp bolýar. ýel zatlara üns berse,adam özüniň günüň dowamyndaky şygyr okaýan belli bir wagtlary hakda-da bilip biler.Gadym zamanlarda şygyr düzüliş formasyny birnäçe böleklere bölüpdirler,tebigat bilen adamyň arasyndaky gatnaşyk hemişe şygyr düzüliş kadasynda saklanypdyr.

Şahyrlaryň şygyr gözelligi bilen iş salyşandyklaryny biz bilýäris, ýöne biz şygyrlaryň akgynlylygy,olaryň kapiýa gelişi hem-de habar eýe meselesinde şygyrydaky gizlin syrlar barada elbetde gündelik durmuşymyzda gyzyklanmaýanlygymyz sebäpli,känbir iş salyşyp ýörmeýäris.

Gündelik durmuşda şygry ýüregimiz joşan wagty,keýpimiziň çag wagty,kalbymyzyň wagtyhoş bolan wagty biz şygra ýüzlenýäris. Ýa-da gaýta tersine,gamgyn şygyrlary gaharymyz gelen wagty,işimiziň oňmadyk wagty hem-de ýüregimiziň gysan wagty özümize

Все права защищены

teselli şekilinde ulanýarys,muňa biz känbir ünsem berip ýöremzok.Bu ýyl hem şanly Garaşsyzlygymyzyň 33 ýyl baýramy mynasybetli ýurdumyzdaky toý- baýramlaryň ajaýyp dabarasy dag aşýar. Şu dabaralarda asmanymyz asuda, halkymyzyň görjekleri gowy bolsun!

**Aýlar BOZOGANOWA**
**Türkmen Döwlet binagärlik-gurluşyk**
**institutynyň talyby**

Все права защищены